**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2023-nji ýylyň 12-nji sentýabryndaky**
**№ 74-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№1-ýuh «Ýol-ulag hadysalary barada hasabat»**
**(çärýeklik) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№ 1-ýuh "Ýol-ulag hadysalary barada hasabat" (çärýeklik) forma boýunça döwlet statistik hasabatyny Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Polisiýanyň ýol gözegçilik müdirliginiň bölümleri düzýärler. Hasabat formasynyň salgy böleginde görkezilen salgylara we bellenen möhletlerde tabşyrylýar.

## 1 BÖLÜM. ÝOL ÝAGDAÝYNYŇ ŞERTLERINE GÖRÄ ÝOL–ULAG HADYSALARY, HELÄK BOLANLARYŇ WE ŞİKES ÝETENLERİŇ SANY

01-nji setir boýunça 1-nji sütünde ýol-ulag hadysalaryň sany gökezilýär. Ýol-ulag hadysalary – ulag serişdesiniň ýolda hereket edýän wagtynda ýa-da onuň gatnaşmagynda ýüze çykan waka, şonuň netijesinde adamlaryň aradan çykan ýa-da ýaralanan, ulag serişdelerine, ýüke, desgalara zyýan ýeten ýa-da başga maddy zyýan ýeten waka. Ulagda heläkçilik - hadysalaryň sany bilen olarda aradan çykanlaryň we ten şikesini alanlaryň sany bilen häsiýetlendirilýär. Ýol–ulag hadysalaryna diňe adamlaryň aradan çykan ýa-da ýaralanan ýol-ulag hadysalary barada maglumatlar goşulýar.

1-nji sütiniň 02-07-nji setirlerinde ýol ýagdaýynyň şertlerine görä ýol–ulag hadysalary görkezilýär.

Bolup geçen ýerine baglylykda (02, 03 setir), ýüze çykýan şertlerine baglylykda (04, 05 setirler), ýoluň örtüginiň şertlerine baglylykda (06, 07).

2-nji we 3-nji sütünlerde degişli setirler boýunça ýol-ulag hadysalarynyň netijesinde heläk bolanlaryň we şikes alanlaryň sany görkezilýär.

Heläk bolan – ýol-ulag hadysasynyň bolan ýerinde ýa-da onuň netijesinde soňky 7 gije-gündiziň dowamynda aradan çykan adam.

Ýaralanan – ýol–ulag hadysalarynyň bolan ýerinde onuň bir gije-gündiziň dowamynda hassahana ýerleşdirilmegini ýa-da ambulator bejerişiň zerurlygyny şertlendiren şikes alan adam.

## 2 BÖLÜM. SEBÄPLERINIŇ GÖRNÜŞLERI BOÝUNÇA ÝOL–ULAG HADYSALARY, HELÄK BOLANLARYŇ WE ŞİKES ÝETENLERİŇ SANY

01-nji setirde (02-10 setirleriň jemi) ýol-ulag hadysalarynyň sebäpleriniň görnüşlerine görä ýol-ulag hadysalarynyň sany (1 sütün) we şolardan heläk bolanlar (2 sütün) we şikes ýetenler (3 sütün) görkezilýär.

02-nji setirde ulag serişdeleriniň arasynda çaknyşmanyň netijesinde bolup geçen ýol-ulag hadysalarynyň sany görkezilýär. Olara aşakdakylar degişli:

- yzyndan urmak bilen çaknyşma – ýoluň gatnalýan böleginiň şol zolagyndan barýan we şol ugur boýunça hereket edýän başga bir ulag bilen bolan çaknyşma;
- ýollaryň kesişýän ýerinde ýa-da öwrümlerde çaknyşma – yzyndan baryp urmak bilen çaknyşma ýa-da öň tarapyndan çaknyşma;
- öň tarapyndan çaknyşma – ýoluň gatnalýan böleginiň şol zolagyndan barýan we garşylyklaýyn tarapa hereket edýän başga bir ulag serişdesi bilen çaknyşma.

03-nji setirde ýol hereketine beýleki gatnaşyjylar bilen, bolan çaknyşmalar bilen baglanyşykly bolmadyk ýol ulag hadysalary görkezilýär. Hadysanyň mese-mälim bolaýmaly ýagdaýynda ulag serişdesi çaknyşmakdan gaça durmak üçin ýoldan çykýar hem-de agdarylýar.

04-nji setirde duralgada duran hereket etmeýän geçelge böleginiň gyrasynda, ýoluň gyrasynda, duralga üçin ýörite bellenen ýerlerde we pyýada ýollarda duran ulag serişdesi bilen çaknyşma, ýagny ýol hereketi şertleriniň netijesinde bolmadyk ýol-ulag hadysasy.

05-nji, 09-njy setirlerde päsgelçilik sebäpli, ýa-da ýolda mallar bilen çaknyşma netijesinde bolan ýol-ulag hadysalar görkezilýär.

07-nji, 08-nji setirlerde ýol hereketiniň düzgünlerine laýyklykda wagtlaýyn togtadylan welosiped ýa-da ýük ulagy bilen çaknyşma sebäpli bolan ýol-ulag hadysalary gorkezilýär. Ýanaşyk meýdana çykmak ýa-da oňa girmek bilen baglylykda keseligine ugra hereket edýän başga bir ulag serişdesi bilen çaknyşma.

## 3 BÖLÜM. ÝOL–ULAG HEREKETINIŇ DÜZGÜNLERINIŇ BOZULMALARY BOÝUNÇA ÝOL–ULAG HADYSALARY, HELÄK BOLANLARYŇ WE ŞİKES ÝETENLERİŇ SANY

01-nji setirden 02-20-nji setirlerde ýol-ulag hadysalaryny döreden ýol-ulag hereketiniň düzgünleriniň bozulmalarynyň görnüşleri: ulag serişdesini serhoş ýagdaýda dolandyrmak, artdyrlan tizlikde dolandyrmak, ýol belgilere boýun bolmazlyk, pyýadalar üçin niýetlenen geçelgeden geçmeklik, ulag serişdesiniň säginmekligi we durmaklygy, garşydaky ulag serişdesiniň ýolyna çykmaklygy, aralygy saklamazlyk, ukuly ýagdaýda ulag serişdesini dolandyrmaklygy we ş.m., şeýle hem ýol-ulag hadysalarynda heläk bolanlaryň (2 sütün) we şikes alanlar (3 sütün) görkezilýär.

## 4 BÖLÜM. ÝOL–ULAG HADYSALARYNDA HELÄK BOLANLARYŇ WE ŞİKES ÝETENLERİŇ SANY

01-nji setirden (02-03 setirleriň jemi) degişli setirlerde jynsyna görä ýol-ulag hadysalarynda heläk bolanlaryň we şikes alanlaryň aýratynlykda jyns bölünişiginde görkezilýär.

2-nji we 4-nji sütünler boýunça 01-04 setirlerde heläk bolanlaryň we şikes alanlaryň sanyndan sürijileriň sany bölinip görkezilýär.

Bölümiň 01-nji setirinden 04-nji setiri boýunça 1-nji we 3-nji sütünlerinde 0-17-nji ýaşly çagalaryň arasynda heläk bolanlar we şikes alanlar degişlilikde bölünip görkezilýär.

**Söwdanyň, ulagyň we aragatnaşygyň statistikasy müdirligi**